# Wirusy 5G ýaýradýarmyka?

Category: Kitapcy,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025
Wirusy 5G ýaýradýarmyka? WIRUSY 5G ÝAÝRADÝARMYKA?




Gulagyňyza degendir: Koronawirusy aslynda 5G tehnologiýasynyň ýaýradýandygy we muny eşden halklaryň köçä dökülip telekommunikasiýa binalaryny oda berendigi barada.
Soňky günler Hytaýdan Singapura, ABŞ-dan Angliýa çenli birentek ýurtlarda bolup geçendigi aýdylýan howsalaly wakalar habarlara çykdy.
Kän wagt geçmänem bu wideohabarlaryň birwagt bolup geçen başga habarlara dahyllydygy belli boldy.
* * *

Ýöne näme parhy bar? Eşdilýän zatlara ynanylýan we komplimasiýa teoriýalarynyň jylawy ele alan günlerinde ýaşaýarys. Nijeme ylymly-bilimli adamlar kowid-19-yň el telefonlaryndan we 5G tehnologiýasyndan ýaýraýandygyna ynanypdyrlar. Käbirleri bolsa gaty öte geçmeseler-de, 5G-niň “azyndan” immunitet goragyny peseldýändigi üçin wirusyň ýaýramagyna şert döredýändir öýdýär. Garaz, gepiň gerdişine görä olaryň pikiri bilen aýdanymyzda, bu koronawirus pandemiýasynyň arkasynda 5G barmyşyn.
BMG-nyň baş sekretary Antonio Guterres bu komplimasiýa teoriýalaryndan biynjalyk bolup şu ýylyň 28-nji martynda Twitter hasabynda: “Umumy duşmanymyzyň kowid-19-dygy dogry. Emma asyl duşmanymyz şol bir wagtyň özünde infodemiýadyr”

diýip ýazdy. Onuň bu sözden diýmek isleýän zady – maglumat kirliligi. Pikir ediň, ýagdaý şeýle bir derejä geldi welin, Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy (WHO) saýýaramyzy howp astyna salýan täze ýokanç keseliň “infodemiýadygyny” mälim etdi. Ýagny, "Durnaň üstüne – urna": pandemiýa az bolýan ýaly, üstüne infodemiýa hem geldi.




- **Ylym näme diýýär?**

Koronawirusyň ýaýramagyna bu wirusyň birnäçe kişide simptom görkezmändigi üçin şeýle çalt ýaýramagynyň sebäpleri belli.

Hut şol sebäpli häzire çenli görlen wiruslaryñ ýokanjy. Eýsem, şonda-da 5G tehnologiýasynyñ wirusyñ ýaýramagyna şert döredýändigi hakyndaky myş-myşlar dogry bolup bilermikä?

Muña düşünmek üçin ilki 5G-niñ nämedigine mazaly göz ýetirmek gerek. 5G aslynda el telefonlarymyzda ulanýan 3G we (diñe soñky bäş ýyl durmuşymyza aralaşan) 4G tehnologiýasynyñ tizligi has ýokary hillisi. EDAM-da (Ykdysady we daşary syýasat boýunça ylmy-barlaglar merkezi) sifrowoý syýasatlar geñeşçisi Ussal Şahbaz: “Munuñ kömegi bilen köp mukdardaky maglumaty ýokary tizlikde telefonymyza geçirýäris. Maglumatlary el telefonymyza nädip ýükläp alýan bolsak, 5G arkaly meselem bir awtoulagy uzak aralykdan dolandyryp bileris” diýipdi.

Bu täze sistemada has köp bazaly beketler we fiber kabel gerekli bolar. Meselem, häzire çenli bir mikroraýona bir baza bekedi ýeterlik bolýardy. 5G-niñ ornaşmagy bilen bolsa aýratyn bir zawoda, aýratyn bir parka, aýratyn bir haýa baza bekedi gurlar. Ulgamyñ içinde hemme zat biri-biri bilen baglanyşyklylykda we koordinirlenen bolar. Adam ilkibaşda muny eşdeninde howatyrlanmanam duranok. Emma alymlaryñ birnäçe baza beketleriniñ şolar ýaly arasynyñ ýakyn bolandygy üçin çykarýan radiasiýasynyñ hem juda az boljagyny aýdýarlar. Käbirleri-de 5G tolkunynyñ adamyñ hamyndan kynlyk bilen geçýändigini, şonuñ üçin organizmimize az täsir edýändigini öñe sürýär.

Bu tolkunyñ saglyga peýdalydygyny aýdýanlaram bar! Aý, garaz, düşüner ýaly däl. Galyberse-de, men bu ugurdan hünärmen däl, şonuñ üçin bu boýunça kelle döwmegi alymlaryñ paýyna goýaýalyñ.

Ýöne 5G-niñ öñem işjeñ ulanylmaýandygyny we häzirlikçe başlangyç tapgyrdadygyny göz öñüne tutsak, onda ony koronawirus bilen baglanyşdyrmagyñ hiç hili manysynyñ ýokdugy belli bolýar. Şonuñ üçin aýdylýan hu gipotezalaryñ ählisini anyklamak işiniñ gelejege degişlidigini nygtap geçmek isleýärin.




- **Hytaý-ABŞ urşy**

Gysgaça alanda, ortada “geosyýasy oýun” bar ýaly bolup görünýär. Hytaý özüniň "Huawei", "Alibaba", "Baidu" ýaly läheň tehnologiýa şereketleri bilen 5G tehnologiýasynda dünýä boýunça iň öňdebaryjy orny eýeleýär.

Telefonda meniň bilen gepleşen Ussal Şahbaz “ABŞ-da we Ýewropada bu boýunça işleýän ähli şereketler bir ýere üýşse, zordan "Huawei" şereketiçe bolup bilerler” diýip, ýagdaýy açyk düşündirdi. Hut şol sebäpli-de Prezident Tramp Hytaýa bu meselede sözüň doly manysynda açyk uruş yglan etdi.

Koronawirus ýaýramazdan öñinçä metbugat serişdeleriniñ öñünde geçiren bir ýygnagynda ýaranlaryny Hytaý bilen şu ulgamda işleşmezlige çagyrdy. Hatda has soñra Angliýa bu çagyryşa eýermedi diýip, onuñ premýer-ministr Boris Jonson bilen telefonda sene-mene edendigi barada metbugata habar hem düşdi. Diñe London däl, ABŞ-nyñ Ýewropanyñ ýaranlarynyñ birem bu çagyryşa gulak germedi.
Ynha, hut şonuñ üçinem metbugata düşen “Koronawirusyñ sakasy 5G-den gaýdýar” diýen habarlar şular ýaly güýç garpyşyklarynyñ miwesi bolup bilermi diýip iñkise gideniñi duýman galýarsyñ.



**• Garaňky ýüzli tehnologiýa**

Indi bolsa 5G-li gürrüňi bir gapdala goýup, işiň tehnologiýa tarapyna-da seredip göreliň. Bu köpçülikleýin ýokanç kesel bize her bir zadyň gowy taraplary bilen birlikde erbet taraplarynyňam bardygyny açyk-aýdyň görkezdi. Tehnologiýa pudagynda-da şeýle. Aýratynam Hytaý, Günorta Koreýa, Singapur ýaly tehnologiýanyň iň öňdebaryhy ýurtlarynda koronawirusa garşy göreş diýseň göwnejaý alnyp baryldy. Näsaglara berk gözegçilik, olaryň bejergi döwri, lukmançylyk enjamlarynyň üpjün edilmegi, waksina we test işleri ýaly birnäçe meselede tehnologiýa şol ýurtlarda ölüm wakalaryny iň minimal derejä düşürdi, olary dünýäde öňe çykardy.

Şol bir wagtyň özünde şol kynçylykly döwürde tehnologiýanyň "garaňky ýüzüni-de" gördük. Hytaý hökümetiniň raýatlaryny çişläp-kodlap, olaryň äden her bir ädimini göz astyna almagy we munuň üsti bilen wirusyň ýaýramagynyň öňüni almagy – öňümizdäki täze döwrüň buşlukçysy. Mundan beýläk döwletleriň iň köp bu ugura maýa goýumlaryny goýmagyna we adamlaryňam öz jan saglygy üçin döwletiň bu eden-etdiligine meýletin razy bolmaklaryna garaşylýar.

* * *

Hökümetiň raýatlaryň iň pynhan maglumatlaryna, syrlaryna çenli aralaşmagyny, göz astyna almagyny adamlaryň hak-hukugyna, azatlygyna düýbünden ters gelýändigi düşündirilýär hem-de munuň az wagtyň içinde awtoritar režimleriň elini güýçlendirjekdigini, hasam totalitarlaşma ýoluna gitjekdigini aýdýarlar. Ussal Şahbaz “Mundan soň yza dolanmagyň mümkin däldigini” aýdýar. “Pikir edip görüň: bu günki gün şu zatlary göz astyna alan döwlet, kim bilýär, ertirki gün şol edinen maglumatlary bilen biziň garşymyza nämeleri edip bilmez?” Ehh, iň gowsy şu zatlara düşünmäniň gowumyka diýýän men-ä…

Werda ÖZER.

11.04.2020 ý, "Milliyet" gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Ylym we tehnologiýa